Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministriniň
2025-nji ýylyň 14-nji fewralynda çykaran 30-ö belgili
**B U Ý R U G Y**

**«Tokaýdan esasy däl görnüşde peýdalanmagyň tertibini tassyklamak hakynda»**

2011-nji ýylyň 25-nji martynda kabul edilen Türkmenistanyň Tokaý kodeksiniň 17-nji maddasynyň birinji böleginiň $7^1$ bendine we 35-nji maddasyna laýyklykda, **buýurýaryn**:

1. Tokaýdan esasy däl görnüşde peýdalanmagyň tertibini tassyklamaly (goşulýar).

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministriniň orunbasary gözegçilik etmeli.

**Ministr** **Ç.Babanyýazow**

Türkmenistanyň Daşky gurşawy
goramak ministriniň
2025-nji ýylyň 14-nji fewralynda
çykaran 30-ö belgili buýrugy bilen
tassyklanyldy

## Tokaýdan esasy däl görnüşde peýdalanmagyň tertibi

## I bap. Umumy düzgünler

1. Tokaýdan esasy däl görnüşde peýdalanmagyň tertibi (mundan beýläk - Tertip) 2011-nji ýylyň 25-nji martynda kabul edilen Türkmenistanyň Tokaý kodeksiniň 17-nji maddasynyň birinji böleginiň $7^1$ bendine we 35-nji maddasyna laýyklykda işlenip taýýarlanyldy we Türkmenistanyň tokaý gaznasynyň çäginde tokaýdan esasy däl görnüşde peýdalanmagy amala aşyrmak bilen bagly ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirýär.

2. Şu Tertibiň maksatlary üçin şu aşakdaky esasy düşünjeler ulanylýar:

1) **tokaýdan esasy däl görnüşde peýdalanmak** - ot ýatyrmak, mal bakmak, balary maşgalalaryny we balary gapyrjaklaryny ýerleşdirmek, mellek, bakjaçylyk we beýleki oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirmek, dermanlyk ösümliklerini we tehniki çig maly, ýabany ösýän miweleri, hozlary, kömelekleri, iýmişleri we beýleki tokaý baýlyklaryny taýýarlamak-ýygnamak;

2) **tokaýdan peýdalanmak** – ýuridik we fiziki şahslar, döwlet guramalary tokaý gaznasyndan meýdanlary peýdalanmaga, şeýle hem hojalyk we beýleki maksatlarda tokaý gaznasynyň çäginde ýerleri, suwlary we umumy ýaýran

gazylyp alynýan peýdaly zatlary peýdalanmaga bolan Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen hukugy;

3) **tokaý eýeleri** - tokaý gaznasynyň bölekleriniň ýerinden möhletsiz peýdalanmak hukugy berlen döwlet guramalary;

4) **tokaýdan peýdalanyjy** - Türkmenistanyň Tokaý kodeksinde bellenen tertipde tokaýdan möhletli peýdalanmak hukugy berlen ýuridik ýa-da fiziki şahs;

5) **tokaý serişdeleri** - tokaý gaznasynda durýan, toplanylýan we alynýan agaçlaryň hem-de ikinji derejeli agaç serişdeleriniň gorlary, ýabany ösýän miweler, hozlar, kömelekler, ir-iýmişler, dermanlyk ösümlikler, tehniki çig mal we ösümlik gelip çykyşly beýleki önümler.

3. Şu Tertibiň kadalarynyň tokaý eýeleri we tokaýdan peýdalanyjylar tarapyndan ýerine ýetirilmegi hokmanydyr.

4. Tokaýdan peýdalanyjylar tarapyndan şu Tertibiň ýedinji böleginiň 1-4-nji bendinde görkezilen tokaýdan esasy däl görnüşde peýdalanmak Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde we şertlerde bu maksatlar üçin ýörite bölünip berlen meýdanlarda tokaýa zyýan ýetirmezden amala aşyrylmalydyr.

5. Tokaýdan peýdalanyjylar tarapyndan şu Tertibiň ýedinji böleginiň 5-nji bendinde görkezilen tokaýdan esasy däl görnüşde peýdalanmak bar bolan tokaý baýlyklaryň gutarmagyny aradan aýyrýan tärler we usullar bilen geçirilýär.

6. Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi (mundan beýläk - ygtyýarly edara) ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary bilen ylalaşyp, aýry-aýry Döwlet tokaý hojalyk kärhanalarynyň (mundan beýläk - Tokaý hojalyklary) ýerlerinde dermanlyk ösümliklerini we tehniki çig maly, ýabany ösýän miweli ekinleri, hozlary, kömelekleri, iýmişleri we beýleki tokaý baýlyklaryny taýýarlamagyň (ýygnamagyň) çäklendirilen kadasyny belläp biler.

## II bap. Tokaýdan esasy däl görnüşde peýdalanmagyň görnüşleri

7. Tokaýdan esasy däl görnüşde peýdalanmaga şu aşakdakylar degişlidir:

1) ot ýatyrmak;

2) mal bakmak;

3) balary maşgalalaryny we balary gapyrjaklaryny ýerleşdirmek;

4) mellek, bakjaçylyk we beýleki oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirmek;

5) dermanlyk ösümlikleri we tehniki çig maly, ýabany ösýän miweli ekinleri, hozlary, kömelekleri, iýmişleri we beýleki tokaý baýlyklaryny taýýarlamak we ýygnamak.

8. Tokaý gaznasynyň çäginde ot ýatyrmak işleri tokaýdan peýdalanyjylar tarapyndan tokaý peteginde görkezilen ýerleriň çäginde, möhletde amala aşyrylmalydyr. Şunda Tokaý hojalyklary tokaý peteginiň resmileşdirilip berilmegini üpjün etmelidir. Tokaý peteginde tokaý gaznasyndan peýdalanmagyň görnüşi, ýeri, möçberi, şertleri we bahasy görkezilýär. Ot ýatyrmak üçin tokaý

peteginde bellenen möhletde ulanylmadyk ýerler beýleki ýuridik ýa-da fiziki taraplara geçirilip bilner. Ot ýatyrmak üçin tokaý gaznasynyň agaç bilen örtülmedik meýdanlary bölünip berilmelidir.

9. Tokaý gaznasynyň çäginde mal bakmak tokaýdan peýdalanyjylar tarapyndan tokaý peteginde görkezilen ýerleriň çäginde we möhletde amala aşyrylmalydyr. Mal bakmak üçin berlen tokaý peteginde tokaý gaznasyndan peýdalanmagyň görnüşi, ýeri, möçberi, şertleri we bahasy görkezilýär. Mal bakmak üçin tokaý peteginde bellenen möhletde ulanylmadyk ýerler beýleki ýuridik ýa-da fiziki taraplara geçirilip bilner. Tokaý gaznasynyň ýerlerinde mal bakmak tokaý gurluşynyň materiallaryna laýyklykda amala aşyrylýar. Tokaý gaznasynyň ýerlerinde mal bakmaga isleg bildirýän gyzyklanýan şahs degişli Tokaý hojalyklaryna ýazmaça arza bilen ýüz tutýar. Arzada ýüz tutýanyň doly ady, tokaý gaznasynyň soralýan ýeriniň salgysy, araçägi, ýerleşýän ýeri we tokaýdan peýdalanmagyň görnüşi, möhleti görkezilen bolmalydyr.

Tokaý gaznasynyň şu ýerlerinde mal bakmak gadagan edilýär:

1) awtomobil we demir ýollarynyň ýakalaryndaky, beýleki ulag we aragatnaşyk ulgamynyň gorag tokaý hatarlarynda, şäherleriň we beýleki ilatly ýerleriň daş-töweregindäki ekilen agaçlar we agaç toparlarynda, suw üpjünçilik çeşmeleriniň arassaçylyk gorag zolaklarynyň tokaýlarynda;

2) aýratyn goralýan tebigy çäkleriň tokaýlarynda (çäklendirilen hojalyk işi rugsat edilen zolaklar muňa girmeýär), şäher tokaýlarynda, goranyş hajatlary üçin berlen ýerlerde ýerleşýän tokaýlarda, aýratyn gymmatly tokaý massiwinde, ylmy ýa-da taryhy ähmiýeti bolan tokaýlarda;

3) ekin tokaýlarda, ekilen tokaýlaryň depelerine malyň zeper ýetirmek mümkinçligini aradan aýyrýan beýiklige çenli ösüp ýetişýänçä, tokaý tohumçylyk we miweli ekinzarlyklarda, şeýle-de tokaý gaznasynyň tokaýyň tebigy üznüksiz köpelmegine ýardam etmek boýunça çäreler geçirilýän ýerlerinde;

4) gaýtadan ekilen çäklerde, tebigy ýaş agaçlaryň ösýän we tokaý dikeldilýän meýdanlarda;

5) mal bakmagyň tokaý topragynyň eroziýasyna getirip biljek tokaý gaznasynyň ýerlerinde.

Tokaýlarda geçi sürüleriniň bakylmagyna diňe tokaý gaznasynyň ýörite bölünip berlen, deslapdan mal eýeleri tarapyndan haýatlanan meýdanlarynda ýol berilýär.

10. Tokaýdan peýdalanyjylar tarapyndan tokaý gaznasynyň ýerlerinde balary maşgalalaryny we balary gapyrjaklaryny ýerleşdirmek balarylary saklamaklygyň zooweterinariýa, sanitariýa hem-de ekologik kadalary we düzgünleri berjaý edilen mahalynda tokaý peteginde görkezilen ýeriň çäginde amala aşyrylýar. Tokaý gaznasynyň ýerlerinde balary maşgalalary we balary gapyrjaklary tozanlandyrylýan tokaý ösümliklerini tozanlandyrmak, olaryň önümliligini ýokarlandyrmak hem-de ilatyň balaryçylyk önümlerine bolan isleglerini kanagatlandyrmak maksady bilen ýerleşdirilýär. Balary maşgalalary

we balary gapyrjaklary tebigy bal berýän ösümliklere baý bolan tokaýlarda, tokaýyň çetinde, tokaýdaky açyk meýdanlarda we tokaý gorunyň tokaý bilen örtülmedik beýleki ýerlerinde ýerleşdirilýär. Balary maşgalalary we balary gapyrjaklary tokaý gaznasynyň ýerlerinde ýerleşdirilende balaryçylyk bilen meşgullanýan ýuridik ýa-da fiziki şahs balary çakmasy netijesinde ejir çeken raýatlara gyssagly lukmançylyk kömegini bermek üçin balary idedilýän ýerde içinde zerur derman serişdeleri bolan lukmançylyk gutusynyň bolmagyny üpjün etmelidir. Tokaýlaryň arassaçylyk ýagdaýyny we olaryň gaýtadan dikeldilmeginiň şertlerini gowulandyrmak halatlaryndan başga halatlarda, balary maşgalalarynyň we balary gapyrjaklarynyň ýerleşýän ýerinden üç kilometrden ýakyn bolan aralykda ýerleşýän çäklerde, bal şireleriniň toplanylýan çeşmeleri bolan agaçlaryň we gyrymsy agaçlaryň çapylmagyna ýol berilmeýär. Balary maşgalalaryny we balary gapyrjaklaryny ýerleşdirmek üçin berlen tokaý gaznasynyň ýerleri tokaýdan peýdalanyjylardan döwlet ýa-da jemgyýetçilik hajatlary üçin alnan ýagdaýynda olaryň arzasy boýunça onuň ýerine balary maşgalalaryny we balary gapyrjaklaryny ýerleşdirmäge ýaramly bolan tokaý gaznasynyň beýleki ýerleri berlip bilner.

11. Tokaýdan peýdalanyjylar tarapyndan mellek, bakjaçylyk we beýleki oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirmek tokaý gaznasynyň ýerlerini uzak möhletli ýa-da gysga möhletli peýdalanmagyň şertnamasynda görkezilen ýeriň çäginde we möhletinde amala aşyrylýar. Mellek, bakjaçylyk we beýleki oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirmek üçin tokaý gaznasynyň tokaý bilen örtülmedik ýerleri berilýär. Bölünip berlen ýerlerde ösdürilip ýetişdirilýän oba hojalyk ekinleriniň, bakjaçylyk, miweli, oba hojalyk ekinleriniň anyk görnüşleri tokaý gaznasynyň ýerlerini uzak möhletli ýa-da gysga möhletli peýdalanmagyň şertnamasynda bellenilýär. Mellek, bakjaçylyk we beýleki oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirmek üçin berlen tokaý gaznasynyň ýerlerinde daşky gurşawyň ýagdaýyna ýaramaz täsir etmeýän agrotehniki çäreleri ulanylmalydyr. Ösdürilip ýetişdirilýän oba hojalyk ekinlerini suwarmak üçin suw serişdeleriniň ulanylmagy tokaýdan peýdalanyjylar tarapyndan Türkmenistanyň suw kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylmalydyr. Tokaýdan peýdalanyjylar özlerine berlen ýerlerde mellek, bakjaçylyk we beýleki oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirenlerinde topragyň şorlaşmagyna ýol bermeli däldirler. Tokaýdan peýdalanyjylar mellek, bakjaçylyk we beýleki oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirmek üçin berlen tokaý gaznasynyň ýerlerinde ygtyýarly edaranyň rugsady bilen wagtlaýyn ýaşalýan jaýlary we önümçilik desgalaryny (düýpli gurluşyklar muňa girmeýär) gurup, daş düşelen ýollary çekip we tokaý önümini ýerleşdirmek üçin meýdançalary enjamlaşdyryp bilerler. Görkezilen gurluşyklaryň ölçegleri, görnüşi we niýetlenilişi, olary ýykmagyň tertibi, şeýle hem çekilýän ýollaryň ugry, uzynlygy we ölçegleri ygtyýarly edaranyň rugsat hatynda görkezilýär.

Tokaý gaznasynyň çäginde gurluşyk işlerini geçirmek, umumy ýaýran gazylyp alynýan peýdaly zatlary almak, aragatnaşyklary çekmek we tokaý hojalygyny alyp barmak hem-de tokaýdan peýdalanmak bilen baglanyşykly

bolmadyk beýleki işleri ýerine ýetirmek ygtyýarly döwlet edarasy we degişli ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasy bilen ylalaşylyp ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň rugsadynyň esasynda döwlet ekologik bilermenler seljermesiniň oňyn netijenamasy bolan mahalynda amala aşyrylýar.

12. Tokaý gaznasynyň ýerlerinden dermanlyk ösümlikleri we tehniki çig maly, ýabany ösýän miweli ekinleri, hozlary, kömelekleri, iýmişleri we beýleki tokaý baýlyklaryny taýýarlamaga we ýygnamaga Türkmenistanyň ösümlik dünýäsi hakyndaky kanunçylygyna laýyklykda ösümlikleriň öz wagtynda dikelmegini we olaryň gorlarynyň täzeden köpelmegini üpjün edýän möçberlerde rugsat berilýär. Tokaýdan peýdalanyjylar tarapyndan tokaý gaznasynyň ýerlerinden dermanlyk ösümliklerini we tehniki çig maly, ýabany ösýän miweli ekinleri, hozlary, kömelekleri, iýmişleri we beýleki tokaý baýlyklaryny taýýarlamak we ýygnamak tokaý peteginde görkezilen ýeriň çäginde we möçberinde amala aşyrylýar. Dermanlyk ösümliklerini we tehniki çig maly, ýabany ösýän miweli ekinleri, hozlary, kömelekleri, iýmişleri we beýleki tokaý baýlyklaryny taýýarlamak we ýygnamak telekeçilik işi bolup durýar. Tokaýdan peýdalanyjylara dermanlyk ösümliklerini taýýarlamaga we ýygnamaga işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak hakynda Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ygtyýarnamasy bar bolan ýagdaýynda (öz şahsy peýdalanmagy üçin ýygnamagy muňa degişli däl) rugsat berilýär. Dermanlyk ösümlikleri, ýabany ösýän miweli ekinler, hozlar, kömelekler, iýmişler we beýleki tokaý baýlyklary ýygnalanda ösümlige zyýan bermezden, onuň şahalaryny, baldaklaryny döwmezden, köklerine zyýan ýetirmezden ýygnalmalydyr. Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen seýrek we ýitip gitmek howpy astynda durýan ösümlikleri taýýarlamak we ýygnamak gadagandyr. Dermanlyk ösümlikleri we tehniki çig maly, ýabany ösýän miweli ekinleri, hozlary, kömelekleri, iýmişleri we beýleki tokaý baýlyklaryny aýratyn goralýan tebigy ýerleriň tokaýlarynda taýýarlamak we ýygnamak gadagan edilýär. Dermanlyk ösümliklerini we tehniki çig maly, ýabany ösýän miweli ekinleri, hozlary, kömelekleri, iýmişleri we beýleki tokaý baýlyklaryny taýýarlamak we ýygnamak bar bolan baýlyklaryň tükenmegini aradan aýyrýan tärler we usullar bilen geçirilýär.

## III bap. Tokaý gaznasyndan esasy däl görnüşde peýdalanmaga hukuk we onuň möhleti

13. Tokaýdan esasy däl görnüşde peýdalanmaga hukuk Tokaý hojalyklary bilen tokaýdan peýdalanyjylaryň arasynda baglaşylýan şertnama ýa-da tokaýdan esasy däl görnüşde peýdalanmaga hukuk berýän tokaý petegi esasynda ýüze çykýar.

14. Tokaý gaznasynyň meýdanlaryndaky tokaý baýlyklary tokaýdan peýdalanyjylara 5 ýyldan 40 ýyla çenli möhlet bilen tokaýdan uzak möhletli, 5 ýyla çenli möhlet bilen gysga möhletli peýdalanmaga berilýär.

15. Tokaýdan peýdalanyjylara tokaý gaznasynyň ýerleri uzak möhletli peýdalanmaga aýanlyk şertlerinde we degişli çäkde ýaşaýan ilatyň bähbitlerini hasaba almak bilen, şertnama baglaşmak arkaly, bäsleşik esasynda ýa-da Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bäsleşiksiz bermeklik amala aşyrylýar.

16. Tokaýdan peýdalanyjylara tokaý gaznasynyň ýerleri gysga möhletli peýdalanmaga Tokaý hojalyklary bilen tokaýdan peýdalanyjynyň arasynda tokaýdan gysga möhletli peýdalanmaga (kärendesine) şertnama esasynda ýa-da tokaý petegini resmileşdirmek arkaly berilýär. Tokaý gaznasynyň ýerlerini tokaýdan gysga möhletli peýdalanmak (kärende) şertlerinde bermek aýanlyk şertlerinde, degişli çäkde ýaşaýan ilatyň bähbitlerini hasaba almak bilen geçirilmelidir. Tokaý gaznasynyň ýerleri tokaýdan gysga möhletli peýdalanmak (kärende) şertlerinde berlende degişli çäkde ýaşaýan ilata artykmaç hukuk berilýär.

17. Tokaý petegi onuň eýesine tokaýdan esasy däl görnüşde peýdalanmak hukugyny berýän resminamadyr. Tokaý peteginde tokaý gaznasyndan peýdalanmagyň görnüşi, ýeri, möçberi, wagty, şertleri we bahasy görkezilýär.

## IV bap. Tokaý gaznasyndan esasy däl görnüşde peýdalanmagy resmileşdirmek

18. Tokaý gaznasyndan peýdalanyjylar tokaý gaznasyndan esasy däl görnüşde peýdalanmak üçin Tokaý hojalyklaryna arza bilen ýüz tutmalydyr. Arzanyň ýanyna şu aşakdaky resminamalar goşulýar:

1) ýuridik şahs üçin - Ýuridik şahsyň ýeke-täk döwlet sanawyna girizmek barada şahadatnamanyň nusgasy, Ýuridik şahslaryň ýeke-täk döwlet sanawyndan göçürmesi, ynanylan wekil bolsa oňa berlen ynanç haty;

2) fiziki şahs üçin - familiýasy, ady, atasynyň ady, ýaşaýan ýeri, pasport maglumatlary, hususy telekeçi bolsa hususy telekeçi hökmünde döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakyndaky şahadatnamanyň nusgasy.

19. Tokaý hojalygynyň jogapkär işgäri tokaý gaznasyndan esasy däl görnüşde peýdalanmak barada arzany hasaba alýar.

20. Tokaý hojalygynyň ýolbaşçysy tokaý gaznasyndan esasy däl görnüşde peýdalanmak barada arza we onuň ýanyna goşulan resminamalara seredip, tokaý gaznasyndan esasy däl görnüşde peýdalanmak ýa-da peýdalanmakdan ýüz döndermek hakynda çözgüt kabul edýär. Tokaý hojalygynyň ýolbaşçysy tokaý gaznasyndan esasy däl görnüşde peýdalanmakdan ýüz döndermek hakynda çözgüt kabul eden mahalynda, bäş iş günüň dowamynda ýüz döndermäniň sebäplerini görkezip, resmi hat bilen arzaça jogap berýär.

21. Tokaý gaznasyndan peýdalanyjylar tarapyndan şu Tertibiň on sekizinji bölegine laýyklykda hödürlenilýän resminamalar talabalaýyk bolan ýagdaýynda, Tokaý hojalygynyň ýolbaşçysy bilen tokaý gaznasyndan peýdalanyjynyň

arasynda döwlet tokaý gaznasynyň meýdanlarynda tokaýdan gysga möhletli peýdalanmagyň (kärende) şertnamasy baglaşylýar.

22. Tokaý gaznasyndan peýdalanyjy bilen tokaý gaznasynyň meýdanlarynda tokaýdan uzak möhletli peýdalanmagyň şertnamasy tokaý gaznasyndan peýdalanyjyda ygtyýarly edara tarapyndan geçirilýän tokaý gaznasynyň meýdanlaryny uzak möhletli peýdalanmaga bermek baradaky bäsleşigiň ýeňijisi bolandygyny tassyklaýan resminama ýa-da Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tokaý gaznasynyň meýdanlaryndaky tokaý baýlyklaryny uzak möhletli peýdalanmaga bäsleşiksiz bermek barada karary bolan ýagdaýynda baglaşylýar.

23. Tokaý gaznasynyň meýdanlarynda tokaýdan gysga möhletli peýdalanmak (kärende) şertnamasynda aşakdakylar görkezilýär:

1) tokaýdan peýdalanmak amala aşyrylýan tokaý gaznasynyň berlen böleginiň serhetleri we meýdany;

2) tokaýdan peýdalanmagyň görnüşleri;

3) tokaýdan peýdalanmagyň möçberleri (ölçegleri);

4) tokaýdan peýdalanmagyň möhletleri;

5) tokaýdan peýdalanylandygy üçin tölegiň möçberi we ony geçirmegiň tertibi;

6) tokaý baýlyklaryny abat saklamak, goramak we üznüksiz köpeldip durmak boýunça taraplaryň borçlary;

7) şertnamanyň şertleriniň bozulandygy üçin taraplaryň jogapkärçiligi;

8) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki şertler.

24. Tokaý gaznasynyň meýdanlarynda tokaýdan uzak möhletli peýdalanmagyň şertnamasynda aşakdakylar görkezilýär:

1) tokaýdan peýdalanmak amala aşyrylýan tokaý gaznasynyň meýdanynyň serhetleri;

2) tokaý gaznasynyň parçasynyň meýdany;

3) tokaýdan peýdalanmagyň görnüşleri;

4) tokaýdan peýdalanmagyň möçberleri (ölçegleri);

5) tokaýdan peýdalanmagyň möhletleri;

6) tokaýdan peýdalanylandygy üçin tölegiň möçberi we ony tölemegiň tertibi;

7) tokaý baýlyklaryny abat saklamak, goramak we üznüksiz köpeldip durmak boýunça taraplaryň borçlary;

8) şertnamanyň şertleriniň bozulandygy üçin taraplaryň jogapkärçiligi;

9) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki şertler.

25. Tokaý gaznasynyň meýdanlarynda tokaýdan uzak möhletli peýdalanmagyň şertnamasy ýazmaça görnüşde baglaşylyp, döwlet belligine alynmalydyr we ol döwlet belligine alnan pursatyndan başlap baglaşylan diýlip hasap edilýär.

26. Türkmenistanyň Tokaý kodeksiniň 46-njy maddasynda göz öňünde tutulanlardan başga halatlarda tokaý gaznasyndan peýdalanmak töleglidir.

Döwlet Tokaý hojalyklary, tokaý hojalyk işlerini amala aşyrýan beýleki döwlet kärhanalary, edaralary we guramalary, şeýle hem aýratyn goralýan tebigy ýerleriň işi bilen baglanyşykly maksatlar üçin döwlet tebigy goraghanalary, milli tebigy seýilgähler, ýuridik şahsyň hukuk derejesi bolan beýleki aýratyn goralýan tebigy ýerleriň eýeleri öz çäginde tokaý gaznasyna eýeçilik etmegi we peýdalanmagy mugt amala aşyrýarlar.

27. Tokaý gaznasyndan peýdalanyjylardan tokaý gaznasyndan peýdalanylandygy üçin tölegleriň möçberi we olary almagyň tertibi Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2024-nji ýylyň 8-nji awgustynda 1820 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, “Tokaý gaznasyndan peýdalanylandygy üçin tölegleriň möçberi we olary almagyň tertibini tassyklamak hakynda” Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministriniň 2024-nji ýylyň 11-nji aprelinde çykaran 107-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanan, Tokaý gaznasyndan peýdalanylandygy üçin tölegleriň möçberi we olary almagyň tertibine laýyklykda amala aşyrylýar.

## V bap. Tokaýdan esasy däl görnüşde peýdalanmagy bes etmek, üýtgetmek we ýatyrmak

28. Tokaý gaznasynyň ýerlerinde tokaýdan peýdalanmak hukugy şu aşakdaky halatlarda Tokaý hojalyklaryň çözgüdi boýunça bes edilip bilner:

1) tokaýdan peýdalanmak hukugyndan meýletin boýun gaçyranda;

2) tokaýdan peýdalanmak möhleti tamamlananda;

3) peýdalanmagynda tokaý gaznasynyň meýdany bolan ýuridik şahs ýatyrylanda;

4) tokaýlar we tokaý gaznasynyň ýerleri maksatly niýetlenilişine görä peýdalanylmasa;

5) tokaýlaryň we beýleki tebigy desgalaryň ýagdaýyna we üznüksiz köpeldilip durmagyna ýaramaz täsir edýän usullar bilen tokaýdan peýdalanmak amala aşyrylanda;

6) tokaýlarda ýangyn howpsuzlyk düzgünleri bozulanda;

7) tokaýdan peýdalanylandygy üçin tölegiň bellenen möhletlerde tölenilmezligi;

8) döwlet ýa-da jemgyýetçilik hajatlary üçin tokaý gaznasynyň ýerleriniň alynmagy.

29. Tokaýdan peýdalanmak hukugyny bes etmek şertnama baglaşan Tokaý hojalygy tarapyndan resmi ýagdaýda hat bermek arkaly amala aşyrylýar.

30. Tokaý gaznasyndan peýdalanmagyň şertlerini üýtgetmäge şu aşakdaky halatlarda ýol berilýär:

1) ýangynlar, ýel gomlary, zyýankeşler, keseller we beýleki tokaýdan peýdalanyja bagly bolmadyk ýagdaýlar bilen tokaýlara zeper ýetmegi netijesinde tokaý gaznasynyň ýagdaýynyň bozulmagy;

2) döwlet ýa-da jemgyýetçilik hajatlary üçin tokaý gaznasynyň ýerleriniň bir bölegini almak;

3) rugsat beriji resminamalarda görkezilen möhletlerde göz öňünde tutulan möçberlerde tokaý gaznasyndan peýdalanylmazlyk.

Tokaýdan esasy däl görnüşde peýdalanmagyň şertlerini üýtgetmek goşmaça şertnama baglaşmak arkaly amala aşyrylýar. Tokaýdan esasy däl görnüşde peýdalanmak ikitaraplaýyn ylalaşyk boýunça meýletin ýatyrylyp bilner.

## VI bap. Tokaý hojalyklarynyň hukuklary we borçlary

31. Tokaý hojalyklarynyň şu aşakdakylara hukugy bar:

1) tokaý hojalygyny özbaşdak alyp barmak, tokaý gaznasynyň özlerine berlen meýdanlarynda tokaýdan peýdalanmagy amala aşyrmak;

2) tokaý gaznasynyň ýerlerinden, suw baýlyklaryndan, umumy ýaýran gazylyp alynýan peýdaly zatlardan tokaý hojalygynyň hajatlary üçin bellenilen tertipde peýdalanmak;

3) bellenilen tertipde ýollar çekmek, tokaý önümini ýerleşdirmek üçin meýdançalary enjamlaşdyrmak, önümçilik jaýlaryny hem-de desgalaryny gurmak;

4) taýýarlan önümine we ony ýerlemekden alan girdejisine bolan eýeçilige.

32. Tokaý hojalyklary şu aşakdakylara borçly:

1) tokaýlary abat saklamagy, goramagy, rejeli peýdalanmagy we üznüksiz köpeldip durmagy üpjün etmäge;

2) tokaýlaryň döwlet hasabyny ýöretmäge;

3) tokaýlaryň, topraklaryň we haýwanat dünýäsiniň ýagdaýyna we üznüksiz köpeldilip durulmagyna, şeýle hem suw we beýleki desgalaryň ýagdaýyna ýaramaz täsir etmeýän usullar bilen işleri alyp barmaga;

4) beýleki tokaýdan peýdalanyjylaryň hukuklaryny bozmazlyga.

Tokaý hojalyklary Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen beýleki hukuklardan peýdalanyp we borçlary ýerine ýetirip bilerler.

## VII bap. Tokaýdan peýdalanyjylaryň hukuklary we borçlary

33. Tokaýdan peýdalanyjylar şu aşakdaky hukuklara eýedir:

1) tokaýdan peýdalanmagy tokaý gaznasynyň meýdanlarynyň çäklerinde şertnamada ýa-da tokaý peteginde görkezilen möhletlerde we görnüşlerde amala aşyrmaga;

2) şertnamada ýa-da tokaý peteginde görkezilen tokaýdan peýdalanmak amala aşyrylýan tokaý gaznasynyň ýer böleginiň meýdanynyň we serhediniň kesgitlenip berilmegine;

3) ýollary bellenilen tertipde çekmek, tokaý önümini ýerleşdirmek üçin meýdançalary enjamlaşdyrmak, önümçilik jaýlaryny we desgalaryny gurmak;

4) şu Tertibe laýyklykda berlen tokaý gaznasynyň ýerinden alan hasylyna, girdejisine eýelik etmäge.

34. Tokaýdan peýdalanyjylar şu aşakdakylara borçludyrlar:

1) tokaýlaryň üznüksiz köpeldilmeginiň, topraklaryň we haýwanat dünýäsiniň ýagdaýyna, şeýle hem suw we beýleki desgalaryň ýagdaýyna ýaramaz täsir ýetirmejek usullar bilen işleri alyp barmaga;

2) tokaýdan peýdalanylandygy üçin tölegi öz wagtynda we bellenilen tertipde tölemäge;

3) beýleki tokaýdan peýdalanyjylaryň hukuklaryny bozmazlyga;

4) özüne berlen ýer bölegini şertnamada ýa-da tokaý peteginde görkezilen maksatlar üçin peýdalanmaga;

5) şertnama esasynda kärende alan ýerinde agrotehniki kadalary, suw üpjünçilik düzgünlerini Türkmenistanyň bu ugurdaky kanunçylyk namalaryna laýyklykda alyp barmaga;

6) şertnamanyň möhleti tamamlananda, hereketi bes edilende, birtaraplaýyn tertipde ýatyrylanda ýer bölegini arassalap yzyna tabşyrmaga;

7) kärende alan ýer böleginde mal ýataklaryny, ýaşaýyş ýa-da beýleki maksatlar üçin jaýlary (göçme jaýlar muňa girmeýär) gurmazlyga;

8) dermanlyk ösümliklerini we tehniki çig maly, ýabany ösýän miweleri, hozlary, kömelekleri, iýmişleri we beýleki tokaý baýlyklaryny ýygnanda ösümliklere zyýan bermezden, şahalaryny döwmezden ýygnamaga.

Tokaýdan peýdalanyjylar Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen beýleki hukuklardan peýdalanyp we borçlary ýerine ýetirip bilerler.

## VIII bap. Gözegçilik etmek

35. Tokaý gaznasynyň meýdanlary tokaýdan esasy däl görnüşde peýdalanmak üçin berlende şu Tertipde görkezilen kadalaryň berjaý edilişine gözegçilik etmek ygtyýarly edaranyň üstüne ýüklenilýär.

Düzgün bozulmalar ýüze çykarylanda Tokaý hojalyklarynyň ygtyýarly wezipeli adamlary kanunçylykda bellenen tertipde tokaýdan peýdalanmagyň düzgünleriniň bozulandygy barada teswirnama düzýär.

36. Tokaýdan peýdalanyjylar tarapyndan tokaýdan esasy däl görnüşde peýdalanmagyň amala aşyrylyşynyň dogrulygyny barlamak maksady bilen Tokaý hojalyklarynyň ygtyýarly wezipeli adamlary tokaý gaznasynyň meýdanlarynyň barlaglaryny geçirýär.

37. Tokaý gaznasynyň meýdanlarynyň barlaglarynyň netijeleri boýunça nama düzülýär. Onda ýerleriň şertnamada ýa-da tokaý peteginde görkezilen maksatlara laýyklykda peýdalanylýandygy ýa-da başga maksatlar üçin peýdalanylýandygy görkezilýär.

38. Döwlet tokaý gaznasynyň ýerlerinden bikanun peýdalanylmagy ýa-da tokaýdan peýdalanmak kadalarynyň bozulmagy bilen baglanyşykly hukuk

bozulmalar ýüze çykarylanda Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky kodeksine laýyklykda seredilýär.

## IX bap. Jemleýji düzgünler

39. Şu Tertibiň kadalarynyň bozulmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen jogapkärçilige eltýär.

40. Şu Tertibiň kadalarynyň ýerine ýetirilmegi bilen bagly ýüze çykýan jedeller Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde çözülýär.

41. Şu Tertip bilen düzgünleşdirilmedik gatnaşyklar Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2025-nji ýylyň 20-nji martynda 1867 bellige
alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.